# Ömürzaýa / powest

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ömürzaýa / powest ÖMÜRZAÝA

*«Ömürzaýa ýyldyz kimin bataýyn!»*
**Halk aýdymyndan**.

1.

On alty ýaşyna giden Ýagmyr 1953-nji ýylyň awgust aýynda özünden on ýaş uly Altynyň ýatan çatmasyna girdi. Ol aňyrdan Altynyň ýeke bolmagyny arzuwlap gelipdi. Mämmet traktorçynyň gije gawun başynda ýatyp, gündiz köplenç oba gaýdýanyny Ýagmyr gowy bilýärdi. Mämmet traktorçy Altynyň gaýyn atasy. Traktorçy diýilse-de, häzir ol traktor sürenok, brigadanyň daýhanlar üçin eken gawunyny saklaýar, kesellänsoň, traktory taşlamaga mejbur bolupdy. Traktor sürýärkä alýan girdejisiniň ýokarydygy ony obanyň tanalýan adamyna öwrüpdi, häzir welin, maýyp adam, haýpyň gelýär, ondan gorkmalydyr öýdeňok. Eşek daňylýan gazygyň boşdugyny görendäki begenjini Ýagmyr kyn ekzamende ýeňil soragly bilediň düşüşine deňäp biljek.
Ýagmyryň diýeni boldy! Altynyň ýeke özi, çatmanyň töründe, köne düşegiň üstünde serlip ýatyr. Ýagmyryň gelýändigini görüp, bilgeşlän şeýdip ýatan bolmasyn? Ýatyşynda adaty bolmadyk gözilginçlik bar. Eger şeýle bolsa, gynanma, begen, Altyn gelýäniňe begenendir! Ýagmyr Altynyň çydamyny synamakçy boldy, tä gözüni açýança gymyldaman duraýyn diýdi. Diýse-de, uzak garaşmagyň ýeňil düşmejekdigini duýdy. Içine ýyly urdy, demi howra öwrüldi, bedeni gowşap, dyzlary saňňyldady. Ünsüni başga bir zada sowaýmasa, haly harap, ýykylaýmagy-da ähtimal. Töwerege esewan boldy. Töwerek günortanyň garaňkysyna gaplanypdyr, tüp yssyda ne-hä çöp başy gymyldaýar, ne-de adam-gara görünýär. Görünmese gowy-da, görünmezem! Bu ýer ýoldan sowaşyk, öwlüýä golaý. Günortanyň yssysynda ölinem jaýlanoklar-a!..

Ýo-ok, Altynyň ukudalygy çyn. Muny, arkan ýatanyndanmy, hasam ýumry görünýän göwüsleriň gymyldysyndan bildi. Dem alanda olaryň inip-galşy birsydyrgyn. Ýuka gabaklarda, uzyn kirpiklerde gymyldy ýok. Beden süýji uka gaplananda şu zeýilli asudalyk döreýär. Oýarmalymy ýa-da çydam edip garaşmalymy? Oýarsa-ha edebe eýerdigi bolar, aýal maşgalanyň ýatan jaýyna duýdansyz girmek bolanok. Bolmasa bolmasyn, onsoňam onuň edepsizligini keseden synlap duran barmy diý? Edebe eýerse, umydyndan, duýgusyndan meýletin el göteren ýaly boljak. Ýagmyr muny başarjak däl, ýetginjekler paýhasdan duýga has golaý bolýarlar.
Ol usul bilen mata köwşüni çykaryp, güli tüýdülen keçä geçdi. Näme maksat bilen geçendigini özem bilenok, Altyna golaýlaşmagyň ýakymlydygyny welin, tutuş süňňi bilen duýýar. Altynyň teniniň ýalaňaç ýerine özüne düşen paý ýaly hyrydar seredýär. Injikden aşagy, dabany, biri-birine gysby barmaklary, pökgüje topuklary eýjejik, olara bezeg düýse bolar! Olaryň ýakymyny has-da beter duýmak üçin ogşamaly! Ýagmyr tamşanyp oňdy. Altyn ýuwnup ýatandyr ýa-da ýapda suwa düşüp gelendir. Onuň suwa düşýän gizlinje ýerini Ýagmyr bilýär. Bu syr ony Altyna ýakyn, dahylly adama öwürýär, ýöne mundan Altyn bihabardyr. Ýapdan gelýän suwuň iki santimetr peselendigi brigadiriň gonjuna gor guýupdy. ”Ýabyň boýuny sypdyrman saka çenli git, ýolda suw alan bar bolsa, derrew habaryny ýetir” diýen tabşyryk bilen Ýagmyry ugradypdy. Ol gawunçylyga golaýlanda ýapdan pažžyldy eşidilen ýaly bolupdy. Agaja bukulyp, esewan edende suwdan çykan Altynyň ak tenine gözi kaklyşypdy. Şeýle bir duýdansyz boldy welin, aýňalandan soň, Ýagmyr bu ahwalaty ýyldyrym urdy diýleni bilen deňeşdirdi. Ýyldyrym Altynyň ak bedeni. Ýyldyrymyň bulutlaryň arasynda ýitişi ýaly, ak bedenem derrew alaça köýnege duwlandy. Ýyldyrym uran ýerini ýandyrýar diýýärler, ak beden Ýagmyryň bedenine ot oklady, ol ýanyp ýör. Häzirem süýji ukuda ýatan Altynyň gapdalynda ýanyp dur. Altyn oduň howruny duýar, uzak ýatmaz, oýanar.
Ýagmyr Altynyň suwa düşüp ýatandygyny alaça köýnegiň eteginiň ölünden bildi. Köýnek biraz ýokary çekilipdir. Balaküýzä

salnan keşdeler açyk, ýöne ýetginjegiň ünsi keşdelerde eglenmedi, ýumry baldyrlara baglandy. Deriň şoruna agaran alaça köýnek ak bedeni görer gözden gizlese-de, Ýagmyryň öňünde suwdan ýalpyldap çykan, kyrk çilläniň garyna deňelen ak beden ýatyr-a! Okuw kitaba salnan goşgudaky bu meňzetmäniň ýöne bir owadan söz däldigini Ýagmyr indi bilýär. Şol mahal Ýagmyryň görenini Altyn duýaýan bolsa, näme diýerdikä? Altynyň gazaba tutjagyna ynanmady, gaýta Ýagmyryň görjegini bilip ýalaňaçlanan bolsa bilýärmiň?! Ol maý aýynda şäherde Altyn bilen kino görüşlerini ýatlady. Altynyň özi haýyş etdi:
– Şähere barsam, meni "Tarzan" kinoň görkezilýän ýerine äkidermiň?
– Bolýa, gelneje.
– "Gelneje" diýme maňa.
– Näme diýeýin?
– Altyn diý. "Gelneje" diýseň, sen maňa ýüwürji ýaly bolýaň, sen meniň ýüwürjim däl-ä. Altyn şähere golaý obanyň gyzy, şähere ýeke gelmäge gorkmandyr. Başyna sary guşly öýme bogupdyr, ýuka keteni köýnek geýipdir. Goltugyndaky düwünçege topbusyny düwüpdir.
Olar şäheriň merkezindäki kinoteatra, öýlänki seansa girdiler. Kino baranlaryň arasynda özi ýaly türkmen aýalynyň ýokdugyny gören Altyn hüňürdedi:
– Şäherli heleýleriňem bizden tapawudy ýok öýdýän.
– "Tarzana" çagalar seredýär-ä, görüp-görüp şolaram irdi.
– Biz-ä şoňa-da zar, obaň düzgüni gursun.
Ýagmyr şäherli oglanlardan gorkýardy. Şäher huliganlarynyň obalardan bazara baranlaryň horjunyny ogurlaýyşlaryny, kiselerini kesip, pullaryny alyşlaryny, gezelenje baranlary uruşlaryny eşidip ulalypdy. Şäherde okan bir ýylynyň dowamynda olaryň huligany bilen huligan dälini tapawutlandyrmagy başarmandy. Häzir Altyn bilen gürrüň etmäge höwesiniň ýoklugynyň sebäbi-de şoldy. Obaly aýala daş-töwerekden seredilýänini Ýagmyr duýýar, huliganlaram görýändir. Bulary masgara edeliň diýseler, diýer oturarlar-da. Ýeke özi olara nädip gaýtawul bersin…
Çyra sönüp, kino başlanan badyna huliganlar zaldadyklaryny

duýdurdylar, gaty-gaty gülşüp, sykylyklaşyp, uwlaşyp başladylar. Şeýdip, olar özleriniň şäherlidiklerini mazamlajak bolýarlar diýäýmelidi. Ýagmyryň janynyň ýanýan ýeri, jeňňeldäki gaplaň Tarzanyň üstüne zyňanda, Altyn gorkusyna erbet gygyrdy. Onuň sesine bütin zal güldi, huliganlar bolmajysy boldular. Aýaklaryny pola urup, güpürdi turuzdylar, şagal bolup uwlaşdylar. Öz sesine Altynyň özem güldi, sessiz, tutuş süňňüni sandyradyp güldi, güldügiçe-de Ýagmyra gysmyljyrady, onuň çigninden tutup, özüne dartdy. Ýagmyr Altynyň teniniň gyzgynyny, ýakymyny duýdy. Altyn “öwreniş” diýýän ýaly gülmesini goýandan soňam Ýagmyryň çignini goýbermedi. Tokaýda Tarzana sataşan owadan aýal oňa bir zatlar düşündirjek bolup azara galýar, onuň näme diýjek bolýanyna Ýagmyram düşünenokdy, kadrda rusça ýazylýan titri okap ýetişer ýaly däl, ýetişende-de düşünjek däl. Altynyň bolşy welin, edil düşünýän ýaly. Aýal Tarzana ýakymly garap, oňa golaýlaşan dessine, Altynam Ýagmyryň çignini gysyp, özüne dartýar, Ýagmyryň çigni Altynyň göwsüne galtaşýar. Ýagmyr kinonyň entek gutarmazlygyny isleýär. Diňe Altynyň bedeniniň ýakymyny duýýandygy üçinem däl, kino uzaga çekse, Altynyň gygyranyny unudarlar, olara gülki bilen seretmezler. Hernä, kinonyň gutararyna garaşman, huliganlar giden ekenler. Daş çykanlarynda, Ýagmyryň dünýäsi giňedi. Bir howatyr eden ýeri, Altyn onuň gorkusyny duýandyr, häzir şony ýüzüne basar öýtdi.
Altyn:
– “Tarzan-Tarzan” diýseňiz, üýtgeşik zat görjek, biý-ä erteki ýaly bir zat ekeni – diýdi.
Ýagmyr Altyndan aýrylyşyp, ýaşaýyş jaýyna barýarka, Altynyň ýylysynyň süňňünde galanyny duýupdy. Soň ony her sapar görende ýylylyk güýçlenip, ýakymy ýüregine ornaýardy. Häzir ýylylyk ýüz esse, müň esse güýçlendi, ýalyna öwrüldi. Altynyň göwüslerine bagryny berip ýatyberende näder?.. Seretse, jalbarynyň öňi gözilginç galyp dur, dyzyny epmäge mejbur boldy.
Altynyň gaşlarynyň inçeden ýaý ýaly egremligine öň üns bermän ekeni. Rus dilini okadýan Tatýana Iwanownanyň bejerilen gaşlaryndanam gelşikli. Tomsuň jöwzasy ýüzüniň ak meňzini

ýandyrmandyr. Kirpiklerem uzyn. Goşguda hanjara deňelýän kirpiklerem Altynyň kirpikleri ýalydyr. Gabaklary ýuka, näzik, üstüne düşen tozan bölejiklerem bildirp dur. Arkan ýatandanmy, gönümel burny biraz uly ýaly görünse-de, ýüzüniň owadanlygyny bozanok. Pökgüje dodagy bilen burnunyň arasyndaky gyldyrgana meňzeýän tüýjagazlar bulduraşýan der damjalaryna ezilipdir. Ýaşmagy açylan gelin kömelegini közüň üstünde goýaňda, onuň süňňünden çykýan arassa suw nätijek perdeleri ezýär, kömelegiň ähli tagamy şol suwda. Tagamyň işdämen sorulyşy ýaly, Ýagmyr der damjalaryny sormaga ymtylýar. Onuň islegini duýan dek Altynyň dodaklary müňküldedi, soňam süýji ýylgyrdy. Düýş görýärmikä ýa-da özüni Ýagmyryň ýuwutjak bolup oturyşyndan habarlydygyny duýdurýarmyka? Kellesine guşly öýme daňypdyr. Pessejik börügi ýassygynyň gapdalynda ýatyr. Öýme Altynyň tekiz maňlaýyna, tutuş ýüzüne has-da gelşik berýär. Iki örüm ýogyn saçyny gursagyndan goýberse, Altyna gelinem diýmersiň, durmuşa çykmadyk gyza öwrüler…

Ýagmyr bedenindäki gyjynma çydaman gobsundy, demini sojap alanyny duýman galdy. Altyn gözüni açdy, haýran galaýmaly asudalyk bilen Ýagmyra çiňerildi.

– Dyza çöküp, aýat okaýaňmy, öläýendir öýtdüňmi?

Altynyň gaharlanmanyna begenen Ýagmyr sesli güldi.

– Ýüzüňe seredip otyryn.

– Ýüzüme seredip, näme, Aý görjekmidiň?

– Aýdanam owadan. Şu öýme-de gaty gelişýä saňa. Şäherdäki gyzlaram guşly öýme daňynýalar.

– Wah-wah, şäherli gyzlary küýsäýipdir-dä neressäm, ýüregiňi eliňe alma, hä diýmän şäheriňe ýetersiň, öýmeli gyzlary synla-da, keýpden çyk soň. Saçymyzy topba gyrdyryp, bi dowzahda biz galarys. Çekil gaýrak, gatlaklydan hantama güjük ýaly gultunyp oturma.

Altyn turmaga häzirlenip gozgananda bagjygy ýazdyrylan ýakasyndan goşa göwsüň ak aýyrdy göründi.

– Altyn, ho gün… ho gün…

– Hawa, ho gün näme bolanmyş? Käkeläp oturma.

– Ho gün ýapda suwa düşeňde, seni gördüm-dä…

– Lal bol! – Altyn dikeldi. – Şony aýtmaga gelipmidiň?

– Gawun paýlamaly, agşama paýlap gutarmaly.
– Paýlaber.
– Ýene üç adam kömekçi gelýä.
– Sen, bar git-de, guýydan iki tüňçe suw getir. Halys ýandyrdy, bi, ýanyp ötmüş howa. – Soňra Altyn iki tüňçäni eline alan Ýagmyra garap güldi. – Şagal ýaly muň ysyrganyp ýörşüne seret-le, utançsyz diýs-ä. Gapana düşerin öýdenok… Gy-ýýt, suwy sowuklygyna getirip bilseň, saňa gyzykly zat aýdyp berjek.
Demi demine ýetmän, haşlap dolanan Ýagmyryň dökän-saçanlykda esli gowzadan tüňçesiniň birini Altyn başyna çekdi. Içip otyrka alkymyna teşnelik bilen garaýan ýetginjegi gözünden salmady. Soňam:
– Maňa-da içen suwy bokurdagyndan görünýä diýse boljakmy? – diýdi.
Ýagmyr gürrüňe höweslidigini duýduryp güldi. – Bu batnyksyz gülki saňa ejeňden geçipdir.
Altyn tüňçedäki sowuk suwy ýüzüne, alkymyna, kükregine sepip başlady. Ezilen saçdan, gaşlardan, kirpikden, duluklardan, dodaklardan syrygýan damjalary synlap, Ýagmyr tamşanýar, damjalary dili bilen ýalamaga taýyn, rugsada garaşýar. Altyn:
– Ýap boýunda sümsünip ýörşüňe, şagala gurlan gapana sen düşersiň – diýdi. – Synlara şäherde ýalaňaç heleý tapmadyňmy? O taýda erkek-aýal banýa bile girýämişler-ä.
– Gyzykly zat aýtjak diýdiň, aýt-da.
– Seň ýürejigiň küýseýän gepini bilýän. Üstüme abanyp durma, otur… Bir gyzy başga bir oba äre berýäler. Nikadan soň görgülini äri bilen goýup gidýäler. Ýeňňesi öň öwreden ekeni, bada-bat ýüzüňi açaýmagyn diýip. Haýbat atan bolar, gorkmagyn, oňa-da şeýtgin diýip, öwredýändirler diýýä. Saňa-da öwrederler, bi heläk bolup ýörşüňe sen ir öýlenersiň. Ýigit gelne hemle atýar: “Mahmalyňy aýyr ýüzüňden!” diýýä. Aýranok. “Aýyrsam, ýüzümi görersiň-dä”. Gelin ýeňňesiniň öwredişinden çykman, näz eden bolýa. Görgüli-i, seň näziňä düşünjek barmy diýsene?! “Maňa ýüzüňi görkezmejek bolsaň, sen bi öýe poh işlemäge geldiňmi?” – ine, gelin görgüliň eşideni. Şonda-da mylaýym boljak bolýa: “Saňa ýanýoldaş bolmaga geldim” diýýä.

“Heleý bolmaga geldim diý”. “Hawa, aýal bolmaga geldim” diýýä. “Aýal bolmaga geleniň çyn bolsa, aýaldygyňy görkez-dä!” Gelin: “Men entek aýal däl-ä” diýse, “Onda sen kim?!” diýip gygyrýar. Gelin biçäre mahmalyň aşagyndan pyňkyrypdyr. Är boljak: “Nämä pyňkyrýaň, e-eý? – diýipdir. Soňam hahahaýlap gülüpdir. – Hä-ä, diýýäniňe düşündim, söndür çyrany” diýip, azgyrylan bolupdyr.
Altyn gürrüňiň gutarandygyny aňşyrman duran Ýagmyra çiňerildi.
– Soň näme bolupdyr? – diýip, Ýagmyr sorag berdi.
– Bela bolupdyr, ajal bolupdyr! – Altyn boşamadyk tüňçäni güýjüniň barynda çatmadan daşary zyňdy. – Samsyk, näm boljagyny bilmeýän bolsaň, ýaplaň boýunda sümsünip ýörmäň näme?! “Soň uruş boldy, naçarlary söwer ýaryndan aýyrdy” diýmelidir size! Halys ýürek-bagra düşdüler… Owarra bol, ýalaňaç heleý gözle!..

2.

Ýagmyr hä diýmän Altynyň gizlin suwa düşýän ýerine ýeter, ýetýänçä-de günortan çaý-nahara çykylýan wagt bolar. Gawun başynda Altynyň ýeke özi bolmaly. Ýaryk-çüýrük gawunlary çatma daşandyr, kak dilendir, ýadandyr, alaça köýnekde howur alýan ak bedenini salkynlatmak üçin suwly ýaba barar. Bu günki yssy hasam erbet, epgek öwüsýär, dodaklaryňy guradyp barýar. Häli, Mämmet traktorçynyň öýde galanyny eşidende, Ýagmyr begenipdi, ejesi bişiren şülesinden oňa eltip gaýdan ekeni.
– Ýalyn öwüsse, tozan tursa, o bende boglup oturmaly-da. Demgysma – derdiň pisi. Altynyň bişiren süýtlaşyndanam datmandyr, iýmän otursa, öler ol işigaýdan. Şäherde ökde weýenniý dogtor barmyş, Çeper ”kakamy şoňa görkezäýmesek” diýdi, düýn äri bilen sorap gitdiler. O bendäň hakyky derdini, ol, ökde diýilýän dogtoram biler öýdemok, ony menden sorasynlar. Demgysmadan beter ony Altyn horlaýar. Taganyň patasynyň alynmaýanynyň aňyrsam – Altyn turup gitmesin diýlip edilýän zat. Miwe pakyry göre äkidenem şo dert. “Gelnim otyrka, ogluň öldi diýilse, ynanman” diýerdi. Gaýyn atasam öläýse, Altyn boşan ýurdy saklap oturar diýmäge meň-ä dilim

barjak däl. Çeper äri bilen bi ýerde ýaşaly diýse, onda-da Altyn turar gider. Men-ä öňem Altyn bi oba düşmeli gelin däl ekeni diýip ýören heleý. Şäheriň köçesinden ýörese, asyl ýöne gelşäýjek. Indiden soň okuw okamanam utanç bilmez.
Ejesi uludan güldi. Eger Altyn batnyksyz gülki diýmedik bolsa, Ýagmyr üns hem bermezdi. Häzir üns berdi, dogrudanam, ejesi gülmesiz zada güldi. Gülkä berlen baha ejesiniň ähli aýdanlaryny heleý gybatyna öwürdi, Ýagmyryň ünsüni eglemedi. Köne keselden dynmajagyny Mämmet traktorçynyň özem bilýändir, töweregem öwrenişip gitdi. Häzir Ýagmyr üçin gerekli zat – çatmada Altynyň ýekeligi. Ýeke bolsa, Altynyň ýapda suwa düşjekdigine ynanýar. Ýagmyr bu gün ekin meýdanyna çykmanam bilýärdi, brigadir bäş günlük zähmetiň jemleýji tabelini öýde otur-da ýazaý diýipdi, ýöne welin, häzir gitmäge ýeser bahanasy bardy. Näme üçin gidýärsiň diýip, ondan sorajagam ýok, bahana oňa syryny gizlin saklamak üçin gerekdi. Her gün sygyra bir ganar agşamot getirýärdi. Bu günem tabel ýazmagy öýläne goýup, günortan, ýanar yssyň içinde ot ýygmaga gidermen boldy. Gara eşege mündi, göwni welin, eýýäm suwly ýabyň boýunda. Altynyň gapan gurmajagyna düşündi. Suwa düşeniňi gördüm diýende, Ýagmyryň garaşyşy ýaly gaharlanmady, düýbünden gaharlanmady diýse-de boljak. Eger indi Altyn suwa düşende köýnegini çykarmasa, Ýagmyr duýduranyna öküner, umydyňdan el göter diýen ýaly bolar. Onuň barja umydy Altynyň ak bedenini synlamak. Umydynyň Altynyň islegine baglydygyny bilýär. Islemese, Altyn suwa-da düşmez, düşse-de geýimlerini çykarman düşer…
Eşek birden sakga durdy, seretse, gara eşek dünýä bilen däl, kirşenli ýolda tegmil bolup ýatan peşewiň ölüne burnuny oýkap, başyna gaý.
– Hyh-h… Hyh-h!..
Ýagmyr aýaklaryny hallanladyp eşegiň böwrüne depdi, eger-eger, eşek gymyldaýynam diýenok, dört aýagy ýere çüýlenen ýaly! Burnuny al-asmana tutup, dodaklaryny çöwürýär, ölüň ysyny ykjam beýnisine sorýar.
Ýagmyr oragyň ýeňse ýüzüni eşegiň iki gulagynyň arasyndan inderdi. Eşegiň piňine-de däl, ýene burnuny öle oýkady,

boýnuna degýän urgulary duýanogam, gaýta burnuny has ýokaryk tutup, dodaklaryny çöwürýär, jort atýar.
Ýagmyr tebläniň ujuny eşegiň gerşine dürtdi. Eşek göwresini silkip kakynjyrady, beýle jeza çydamajakdygyny duýdurdy. Ýo-ok, bi haram eşek peşew siňen gum guraýança gitjege meňzänok!
– Äý, seň bir diýsäni… seň bir, diýmäýin diýsem… ýörejekgämi? Ine, ýöremeseň!..
Bu sapar tebläniň ujy gerşiň hamyna sünjüldi. Eşegiň al-asmana zyňylan artky aýaklarynyň badyna Ýagmyr gaňňadan başaşak gaýtdy, hernä, iki eli bilen boýunýüpden garbap tutmaga ýetişäýdi, ýogsa, kellesi guma garylyp, oňurgasy ýazaýmalydy. Ýüzi gum garbady. Eşek welin, onuň halyndan habaram alanok, burnunyň deşiklerini ýellendirip, peşew ysgaýar. Ýagmyr hyrçyny dişläp, eşegiň gulaklaryna ýapyşdy, olara agyz salmaga taýyndy. Eşek kellesini silkdi, burny Ýagmyryň kükregine degip, ony ýeňsä agdardy. Ýagmyr alaçsyzlykdan tas möňňüripdi. Eşek “synla” diýýän ýaly, gol boýy uzalan ujydyny garnyna süýkäp, bu oýnuň Ýagmyryň pikir edişinden has çynlakaýdygyny görkezdi. Ýagmyr indi oňa beter zorluk etmäge gorkdy, gara eşek agyz salmadanam gaýtmaz. Şu pursat ýeňiljek çykalga kellesine geldi, begenjinden gülüp goýberdi.
– Hä-ä, sen, eşejik! – diýip gygyrdy, iki dyzyna galyp, gum sowurmaga başlady, peşewiň üstünde tümmek galýança hasyrdady.
– Içiň ýansyn! Janyň çyksyn! Belany ysga!..
Eşegiň agzy-burny, gözleri kirşene gaplandy, ahyry gapdala dönüp durdy, gulaklaryny silkdi. Şundan soň Ýagmyr gumuň gor ýaly gyzgynyny duýdy. Hilä gezek gelende eşekden ökde çykanyna buýsansa-da, ”özüniň utulandygy bu uzyn gulak haýwanyň kütek beýnisine ýetdimikä berin?” diýen sorag ony ätiýaçly etdi. Gaňňa münende, keýpden binesip edilen eşek: “indi meňem edişimi gör!” diýägeden, ony başaşak agdaryp gidiberse nätjek.
Ýagmyr ylalaşyjy äheňde eşege gep atdy:
– Utulandygyňy boýun al-e-eý, eşek!
Ýagmyr gaňňanyň gürlüginden berk ýapyşdy. Hernä, eşek çarbaýlyk etmedi, eýesine boýun bolmakdan gaýry alajynyň ýokdugy kütek beýnisine ýetäýdi öýdýän.
Suwly ýaba sesýetim galanda eşekden düşdi. Bir gapdaly köne

ýabyň ugry, beýlesi öwlüýäniň jeňňeli. Hyşa, gyzgan, syrkyn, ýandak düýpleri ony töweregiň gözünden gizläp biljek. Bu ýere şemalyň gyzgyn öwüsginem ýetenok, oňa derek gabşal, tebit alýan ýerden göterilýän howur ýüzüňe urýar.

Eşegi daňara ýer gözledi. Ýylgyn düýbünden başga çemeli zada gözi ilmedi. Ýuwaş, düşbi eşek ýandaga baglasaňam durýar, ýöne bu gara eşek durmaz. Ýandagyň depesini kertip, owarra bolar gider. Bir gezek tebläni dişi bilen sogrup gidipdir-ä! Ýylgyna-da daňmaga çekindi. Enesinden telim öwre eşiden hekaýaty ýadyna düşdi. Obadaşlaryndan biri ýüň saýmaga ýylgyn çybyk keseýin diýip, öwlüýäniň ýylgynlygyna baranmyş. Palta salýar welin, çybyk gözüne çümýär, ýer sermenýär. Dogtora barýar, tebibe barýar, olaryň eminden peýda tapanok. Ahyrsoňy bir molla: etmiş eden ýeriňe ýykyl diýýär. Seýit piriň guburyna ýykylýar, sadaka berýär, toba edýär. Şol gije pir düýşüne girenmiş, em salgy beripdir: guburymdan bir gysym gum alyp, laý edersiň, şony-da üç gezek gözüňe çal, derdiň dep bolar. Aýdylanyny edýär, soňra, asyl ýöne, gözi ýalpyldap duranmyş!

Enesiniň özi körlükden açylan bolsa-da, beýle mahabatlandyryp aýtmazdy. Enesi pakyram şu öwlüýäde ýatan bolmaly, mazary ýitip gidendir. Ýagmyr onuň mazaryny öňde-soňda görmändi, garrylaryň aýdyşyna görä, mazar ýitse gowumyş. Enesem şeý diýýärdi, ýöne näme üçin gowy bolýandygynyň sebäbini aydanokdy. Bilen däldir, bilse aýdardy. Ýagmyram bilenok. Adamlar mazar, öwlüýä hakynda gürrüň etmegi halanoklar.

Seýit piriň mazarynyň üstüne gümmez galdyrypdyrlar. Gümmez ýylgynlygyň aňyrsyndan görnüp dur. Eger häzir eşegini ýylgyna baglaýsa, men Seýit piriň gudratyna ynanamok diýen ýaly boljak. Enesiniň hekaýatynyň ertekä çalymdaşdygyny bilse-de, Ýagmyr öwlüýäniň ýylgynyny çapyp bilmejegini bilýär. Çapaýsa, Seýit piriň gudratyna asla ynanmaýanlaram oňa gowy iş edipsiň diýmezler. Gowy iş etmejegine Ýagmyryň özem düşünýär, enesi pakyryň göwnüne degdigi bolar.

Ol teble kakyp, eşegini örkledi. Ýöne enesiniň ýene bir halamajak zadyny etmäge çykandygyny bilip dursa-da, yzyna dönerli däldi. Hatda enesiniň aýdaýjak sözünem bilýär. “Hä-äý,

bezzat, bejit dolan yzyňa!” diýer. Ýagmyr dolananok, diňe özüne öwlüýä tarap garamazlygy buýurýar. Garasa, enesini bimaza eder, “pakyr ýiten mazarynda arkaýyn ýatsyn-da!” diýdi. Diýse-de, howsalasy kemelmedi, aýagy çöp-çalama çolaşaýsa-da, tisginip barýar. Batyrlanmak üçin oragyny gylyç deregine galgadan bolýar, akbaşlaryň tozgasyny kakýar.

Ol görerin öýden ýerinde Altyny görmedi, bir alamaty synlap, entek onuň gelmändigini bildi. Raýyşyň iç tarapynda aýak basmak üçin edilen basgançakda mör-möjekleriň yzjagazlary, kiçijik hinleri abat dur, adamyň dabanynyň astynda olar basgylanardy. Diýmek, garaşsaň, umyt bar, agşama çenli garaşmalam bolsa garaşar!.. Biraz sowaşygrak ýerde bukulanyny amatly gördi. Gelen badyna Altynyň töwerege esewan boljagy belli, Ýagmyr duýdurandan soň-a hasam. Gözýeterinden daşrak bolmaly. Ýigrimi-otuz ädim çemesi aňry gitdi. Bu aralykdan ony saýgarmak kyn bolar, çaýyr, suwoty, ýandak mazaly gizlejek.

Garaşyp otyrka, Altynyň sözi hakydasyna geldi: “Synlara şäherde ýalaňaç heleý tapmadyňmy? Erkek-aýal banýa bile girýämişler-ä”.

Ýagmyr şäherdäki erkekler orta mekdebiniň sekizinji klasyna baranda, umumy ýatak jaýynda ýaşajaklary hammama äkidipdiler. Ýalaňaçlanan oglanlaryň geýim-gejimlerini ganarlara dykyp alyp gitdiler, özlerini-de gapylaryndan bug çogup çykýan jaýa saldylar. Ýuwnup çykýançaňyz, eşigiňizde bit, sirke, büre galmaz diýdiler. Kirli, çorly bedenler ýumşanda başga bir hezillik tapyldy. Murtuna päki degen, huligan sypat, daýanykly oglan haýbatly gygyrdy:

– Ýuwaş-e-e-eýý!.. Sem boluň! – Ümsümlik aralaşdy, gapyň aňyrsyndan ýaň bolup ýaýraýan sesler eşidildi. – Heleýleň sesi-dä! Olaram biz ýaly çüw-ýalaňaç. Göreseňiz gelýämi?

Aralyk gapy tutaýsyzdy, berk çüýlenipdir, golaýda açylana meňzänok.

– Gapyň ýapyklygy hi-iç!.. E-eý, siz, goýunkelle samsyklar, muň bir emeljigi bar, men bilýän, siz bilmersiňiz, mä-ä-ä, ha-ha! Kim görjek diýse, iki manat tölemeli bor. Kino töleýäňiz-ä, biý-ä kinodanam ýüz esse hezil. Ýalaňaç, oňatja heleýjikleri görersiňiz. – Huligan aýallaryň ýörüşine öýkünip

şowhun bilen güldi. – Pul tölejekgä diýene seretdirjekgäl!
Ýagmyryň öýden bir hepdelik getiren zady: bir tamdyr çörek, bir banka gowurdak, on manat pul. Iki manat gaty gymmat bolýar-a, bir manat diýse-de boljag-a. Bir manat diýse, iki manat berip, iki gezek seretse bolar, henize deňiç ýalaňaç aýal görmändi. Bir gezek güzerde gyzlaryň ýalaňaçlanyp suwa düşenlerini düýş ýaly üzük-ýoluk göz öňüne getirjek bolýar. Gaty kiçi bolmaly, ýogsa gyzlar ony golaýlaryna goýbermezdiler. Gyz dogany eltendir, öz aýagy bilen barmajagy belli, güzer bilen obanyň arasy açykdy. Muny ulalansoň bilýär, ýöne şol mahal gyzlaryň arkasynda oturyp suwa gireni hakydasynda galypdyr. Olaryň ak teni ýadynda. Emjekleriniň bardygy ýadynda. Hawa, ýene, gyzlaryň garynlaryndan aşakda gara tüýleriň bardygy ýadyna düşýär. Çaga bolsa-da, bu alamatlaryň geňdigini bilendir, şonuň üçinem ýadynda galandyr. Gyzlaryň biriniň-de ýüzi göz öňüne gelenok.
Ýagmyryňam ýalaňaç aýallara seredesi gelýärdi. Halys bolmasa, iki manat bermäge-de razy. Ýöne seredilip başlanandan soň, huligan oglan bir baha tutup durmaz, arzanladar. Şu umyt bilen Ýagmyr bada-bat iki manada razy bolanlara goşulmady. Goşulanlar ýedi-sekiz bolup, hezilligiň nobatyna durdular. Huligan oglan etjegini öňden peýläp gelen ekeni, muny legende ýatan towlawajy alanda bildiler. Ol çyga reňki gopan gapynyň bilindäki gara düwüni goparmakçy boldy, daşyna üýşenlere azgyryldy:
– Ýuwnuberiň!.. Aňalyşyp durmaň, goýunkelleler, çagyraryn özüm.
Gara düwün gopsa-da, deşik açylmady, gapynyň aňry ýüzüne galaýy çüýlenen ekeni. Huligan demir towlawajyny hammamyň sement tekjesine urup, orusça sögündi.
Soňky bolan waka has-da mojuk. Oglanlaryň gyzgyn kamera salnan geýim-gejimleri köýüpdir, ele gelmez bolupdyr. Garaňky düşüp, aýak ýygnanýança olary hammamda sakladylar, soňam çolanara ak mata berdiler, şäheriň çola, garaňky köçeleri bilen ýatak jaýyna alyp gaýtdylar. Olaryň ýoly oba bilen aralykdaky köne öwlüýäniň gapdalyndan düşüpdir. Iki sany obaly olary göräýipdir, öýlerine ýetip-ýetmän dowul ýaýradypdyrlar:

gonamçylygyň düzlenjegi çyn bolmaly, adamlar, merhum bendeleriň ruhuny gözümiz bilen gördük, mazarlaryny taşlap gitdiler diýipdirler. Muny şol obada ýaşaýan terbiýeçi mugallym aýtdy, özem hezil edip güldi. Oglanlary hammamdan alyp gaýdanam şonuň özüdi. “Şeýle gürrüňleriň kömegi bilenem dini toslamalar döredilýär, okuwçylar” diýdi. Ýagmyryň enesi başga zat diýerdi: “Ýaman niýetiňiz üçin Hudaý jan size göz görkezipdir”. Ol günä iş edenleriň hemmesine Hudaýyň göz görkezýänine berk ynanýardy. Ynanjyny häli-şindi gaýtalaýandygy üçin bolsa gerek, soňabaka enesiniň sözleri Ýagmyr üçin manysyz samyrda öwrülip gidipdi. Altynyň welin, näme diýjegini bilenok. Eger Altyn geläýse, Ýagmyr göreçlerini ele öwrüp, onuň ak bedenini sypalar. Eger gelmese, Ýagmyra şondan uly jeza bolmaz, otam ýygmaz, sygyram aç galar.
Gara eşegiň arlaýan sesi çatma tarapdan eşidildi. Onuň basygrak sesini nirede bolsa-da tanaýar. Boşanyp gaýdandyr. Ýöne bir arlama däl, maçy eşegiň töwereginde turýan gopgundan habar berýär.
Ýagmyr desbi-dähel gawunçylygyň gyrasyna ýetdi. Görse, Altyn teläriň aşagynda arkaýyn dur. Gara eşek arlap, maçy eşegiň daşynda öwrüm edýär, tozan turuzýar, aýgytly hüjüme geçjekdigi bes-belli. Altynyň arkaýyn seredip durmasy näme?
Ýagmyr okdurylyp gelşine eşegine topulmady, Altynyň deňine ýetip togtady, ondan görkezmä garaşýan ýaly aljyraňňy seretdi. Bärkijesi, “eşegiň başyňy iýsin” diýen gargyşy eşiderin öýdüpdi, tersine, Altynyň ýüzünde islegi biten adamyň kanagaty bar. Ýagmyryň özi alada galdy.
— Ony örkläp gaýdypdym, how! Tebläni goparandyr, diýşim ýaly-da, seret, tanapam aýagynda!
— Sen aýtmaňda, men şony görýän däldirin-ow!
Ýagmyr tanapyň tebleli ujundan tutmak üçin, ylgamakçy boldy.
— Barma, gözüň görenokmy?!
Ýagmyr maçy eşegiň ýetişdiginden agzyny wajjykladýanyny gördi, deme gelýän eşek kaýyllyk bilen syrtyny öwrüp dur, üznüksiz arlaýan gara eşegiň aşaryna garaşýar.
— Saklaýjak ekeniň-ow, bolmaly zady saklap nätjek?
Gara eşek maçynyň üstüne hopba boldy. Onuň mundan soňky etmişi

Ýagmyry utandyrdy, Altynyň öňünde özi ýalaňaçlanan ýaly bolaýdy. Görejini sowanda, başga bir zady aňşyrdy. Altyn ýaňyja-da teläriň aşagynda kak dilip oturan ekeni, üç-dört sany waharman galypdyr, şolaram dilip gutardygy suwa düşmäge gidäýjek ekeni. Indi gidermikä? Gidende-de, Ýagmyr görüp bilmez. Gara eşek bulaşdyrdy-da, peşewi guma gömeni üçin Ýagmyrdan ar aldy.
— Beýleden nirden gelýäň?
— Ot ýygýan.
— Şeý diý-ä!.. Mundan öň süýr günortan ýabyň boýundan ot ýygýamydyň? — Altyn gülüp, şol gülküsi bilenem öz sowalyna özi jogap berdi: — Gapana düşmäniňe şükür et!
Gara eşek işini bitirse-de, entek ynjalarly däl, horguryp öwrülýär, burnuny asmana tutup, dişlerini syrtardýar.
— Bar, indi eşegiň boşanmaz. Ot ýygjagyň çynyň bolsa, arkaýyn ýygyber.
Ýagmyr dişini gyjap, eşegini tutmaga barýarka, ýeňseden Altynyň oklan sözi gulagyna degdi:
— Hä-äý, erkek eşejik diýse!..

3.

Ýagmyr gündizki dilleşige görä, Aý ýaşanda köçä çykan Altynyň yzyna düşdi. Nirä, näme üçin gitmelidigini soramady. Altynyň gapdalynda bolmagyň özi ýakymlydy, agşama ýetmegiň höwesi bilen gününi ýaşyrypdy. Ynha, indem olar öz köçelerinden tirkeşip barýarlar. Ilkiagşam gumak ýollardan göterilýän çaň-tozan ýassa çenli obanyň süňňüne siňen ýaly görünse-de, howadan kirşeniň ysy gitmändir. Aýyň ýaşmagy bilen ortaky uly ýola oýnamaga çykan çagalaryň şowhuny ýatdy. Goňşularyň giç öýländen lägirip başlan geçisi garaňky goýalansoň, sem boldy. Bir gezek çölden gelen Esen çopan aýalyna: “Goňşulardan sorap gör, şü geçini maňa satmazlarmyka?” diýdi. “O kelek, sümükli hazany başyňa urjakmy?”. “Çöle äkidip, owazyny diňlejek”. “Owazy beýle gulagyňa ýakymly bolsa, ýygyrakdan diňlemäge gelerler” diýip, Ýagmyryň ejesi soňky sözleri näz bilen aýdýanyny duýduryp, gülüpdi. Ejesiniň şol gezekki gülküsi

Altynyň “batnyksyz” diýen sözüne gabat gelmändi. Ejesiniň näzinden onuň näme diýmek islýändigini duýsa bolýardy. Kakasy duýdumy, duýmadymy, onçasyny bilenok, Ýagmyr-a duýdy…
Altynyň haýdap barşy uzak hem yssy günde ýadana meňzänok.
– Ukladyňmy, oglan, yza galma, deňimden ýöre.
– Nirä barýas, Altyn?
– Saňa hezillik görkezjek. Başga menden zat sorama.
Obanyň ileri ýakasyndaky kese köçä çykanlarynda, uly ýabyň suwa düşülýän giň güzeri Ýagmyryň göz öňüne geldi, Altynyň wada beren hezilligini şol güzere baglady. Güzere baragadan, Altyn ýalaňaçlanyp: seret! – diýse, tä gözüň ýadaýança seret diýse?! Bada-bat bu gönümelligiň boljagyna şübhe etdi, seretdirjek bolsa, Aý ýaşmanka äkider-dä, onsoňam, hökman güzeriň başyna barmalymy? Gije güzerde uly adamlaryň suwa düşýändiklerini Altyn bilýändir-ä.
– Gaýnymy balnysa saljaklar. “Ýagmyry ýanyňa alaý” diýdi. Gawunyň başynda ýatmaga gorkýan diýjek bolsaň, häzir aýt.
– Tapdyň gorkjak adamy!
Ýagdaýy ýaramaz bolsa-da, Mämmet traktorçy bu gije gawunyň başyna gidipdir. Altynyň ony çatmada ýeke goýmagyna uly bir sebäp tapylandyr. Şol sebäbi Altynyň wada beren hezilligi bilen baglap bolarmy eýse?.. Tomsuň petiş gijesinde, ýassydan soň bu obada nähili hezillik bolup biler? Ýagmyr üçin kino görmek hezillik, suwa düşmegem hezillik. Kino ýok, kino on günden bir gezek gelýär, kolhoz başlygy islemese, gelse-de yzyna gaýtarylýar. Suwa düşmegem bolmajak zat. Jahyl çykan Ýagmyr bilen Altynyň gije suwa düşýänini gören adamyň, kalby neneňsi arassa bolanda-da, müňkür boljagy belli ahyry. Ýöne köçeden bile barýanlaryny görseler, ýassy bolsun, daňdan bolsun, tapawudy ýok, geňem görülmez, müňkürem bolunmaz. Ýagmyrlar bilen Altynlar goňşy. Iki öýüň gapysy biri-birine görnüp dur, aradan diňe köçe geçýär. Ýöne tireleri aýry. Altynlar tarapdaky syrgyna goçaklar, Ýagmyrlar tarapa möjekler diýilýär. Iki öýüň goňşulyk gatnaşygy tire içindäki ysnyşykdan pes däl. Muny daş-töwerek bilýär.
Öwlüýä tarapdan şagal sesleri eşidildi. Altyn käýindi:
– Ady ýitmişler, gawunyň gowusam şolara gerek.

Ol obadan çykýan giň ýola öwrülmän, kese köçe bilen göni gitdi. Aşyr guluň alma bagyna ýetdiler. Aşyr gul husyt adam, Ýagmyr bilip diýýär. Kakasy çölden geldigi, nireden eşidenini bilmersiň, derrew Aşyr gul peýda bolar. Esen çopanyň her gelende getirýän göýül köküni aldygy, halas-a taňyrýalkasyn diýer, bolmasa, onam diýmän, owarra bolar. “Şu kök tapylyp dursa, men ölmen!” diýerdi. Segsenden geçdi, yzyny eýerip bolanok. Husyt bolmasa, almasy bişende dadyp görüň diýip getirerd-ä, getirenok. Kakasynyň ”Köp ýaşaýan adamlar husyt bolýandyr” diýeni Ýagmyryň ýadyna düşýär, şonam Aşyr guldan mysal tutup aýdandyr.
Bu gatap ýatan obada alma gyt zat, asyl miweli agaç eken hojalygy barmak basyp sanaýmaly. Nirä seretseň, igde agajy. Igdä miweli agaçdyr öýdülenok, igde oba-da görk berenok, gaýta kül urlan ýaly görnüş berýär. Ýagmyr iki gezek Aşyr guluň almasyndan ogurlan oglanlara goşulypdy. Tutulmady, tutulanam bolsa, utanmazdy. Aşyr guluň özüni utandyrjakdy.
Altyn kese köçeden sowlup, gaýralygyna gidýän dik köçä düşdi. Onuň wada beren hezilliginiň şu köçede bolup biljekdigine ynanmak kyn. Iki gapdaldaky öýleriň çyrasy sönüpdir, yssy günüň argynlygyndan halys surnugan adamlar uka gidipdirler. Obada itiň azlygam bir gowy zat, ýogsa bimahal barýan aýal bilen oglana üýrüp, artykmaç galmagal turzardylar.
Öňden eşekli gelýäni saýgardylar. Ýüküniň gabalygy otdan mas ýüklenendigini aňdyrýar. Salym geçmänkä gülli ter ýorunjanyň ýakymly ysy burna urdy. Kimem bolsa, kolhozyň ýorunjasyndan ogurlap gelýän adam bolmaly. Derrew tanadylar. Ol kolhozyň ýorunjasyny ogrulardan goramaly adamyň özi ekeni.
– Salawmaleýkim, Berdi aga!
Ýagmyryň zarply sesinden ýakymsyz alamat duýan ýaly, egşerilip oturan adam eşegi saklady.
– Eý, oglan, dur-la sen… Kimiň ogly borsuň?
– Esen çopanyň.
– Esen çopanyň ogludygyň çyn bolsa, sen dänim, ýassydan soň o gelin bilen nirä barýaň?
– Kolhozyň ýorunjasyny goramaga barýas, Berdi aga.
Ýagmyryň jogabyna Altyn güldi.

– Hä-äý, bedasyl diýse!..
Eşekli hüňürdäp, öz ýoluna gitdi. Altyn:
– Bal tutan – barmagyny ýalar – diýdi, ortaky kese köçä ýetip, çepe döndi. –Barmagyny baldanam süýji zada batyrýany görersiň häzir, Ýagmyr jan.
Sag egniňde Nury hepekçiniň bakyşyp oturan gara öýi bilen kepbesi, bärligine boş mellegi uzalyp gaýdýar. Tomsuň başynda bugdaýy orlandan soň gatap ýatyr, adam boýy ýandak düýplerine eşek daňaýmaly.
Altyn mellegiň aýagujundaky hatar igde düýpleriniň aşagyna sümüldi. Ýagmyra elini uzatdy. Aýasynyň gyzgynlygy Ýagmyryň bedenine tok bolup degdi.
– Salma girme, poh-yrryh, gyradan ýöräber. – Altyn igde şahalaryndan ätiýaçly egilse-de, Ýagmyryň elini goýbermedi. Ýagmyryň elinden tutmak üçin salmanyň hapalygyny bahana edýän bolsa bilýärmiň?.. Bahanadygy, däldigi, häzir belli bolar. Altynyň ýüzi öňde garalyp görünýän baga tarap. Bu bag kolhozyň öňdebaryjy zwenowody Nurjemal Allagyň mellegi.
Gazetlerde, radioda, ýygnaklarda Nurjemal Allagyň öwgüsi ýetirilýär. Ol owadan heleý, mellegem üýtgeşik, tutuş üzüm. Bagy Allak ekipdir diýýärler, ol uruşdan dolanmandyr, öldi habary gelipdir, patasy alnypdyr, onuň ýakyn hossary diýlip, Nury hepekçiniň ady tutulýar. Hepekçi lakamynyň berilmegem ýyllar boýy kolhozyň mal ýatagynda işläni üçinmiş, häzirem gijesine şol ýerde garawul durýar.
Altyn çuň gazylan üzüm joýasyna girdi, Ýagmyryňam girerine garaşdy. Joýalaryň içi gury, çöp-çalamdan arassa, Nury hepekçiniň baga seredýäni çyn. Keseden juda garaňky ýaly görünse-de, bagyň içi beýle bir garaňky däl ekeni, ýoluňy, töweregi saýgaryp bolýar. Joýanyň içinde durkaň depedäki üzüm hoşalaryna aňsat eliňem ýetäýjek däl, ygtybarly ýerde gizlendik diýse boljak. Gizlenip näme ediljegi Altyna bagly. Altynyň bolşunda ikirjeňlenme duýlanok, ýörejek ýoluna örän belet adama meňzeýär. Ol Ýagmyryň elini goýbermän haýdap barýar, gitdigiçe-de gelniň aýasynyň gyzgyny artyp barýan ýaly. Olar üçünji joýa düşüp, köçe tarapdaky kerpiç tama golaý bardylar, erik agajynyň aşagynda saklandylar. Diňe kükrekden

ýokaryň joýadan çykýardy, onam üzüm düýpleri gizleýär.
Ýagmyr gözüniň ýeten ýerine ser salýar, nämeden hezillige garaşmalydygyny bilenok. Nurjemal Allagyň öňi eýwanly kerpiç tamyny görýär. Jaýda yşyk ýok. Tamyň öňündäki takyr meýdan akjaryp görünýär. Ýatakda agşam otuny iýen gara sygyr gäwüşäp, arkaýyn ýatyr. Ýagmyr islegine görä bolaýmaly zady göz öňüne getirýär. Nurjemal Allak bilen Altyn ikisi – başyboş gelinler. Görüşýändirler, derdinişýändirler. Ýassydan soň Ýagmyry alyp geljegini aýdandyr, dilleşendirler. Häzir Nurjemal Allak çykar, olary jaýa salar, Ýagmyr bilen Altyny bir otagda galdyryp, gapyny ýapar. Düşekde Altyn bilen ikiçäk galan Ýagmyr onuň gyzgyn bedeniniň golaýdygyny duýar, oňa nädip el uzatjagyny bilmän kösener…
– Ýadasaň, joýa ýaplanaý… – Altyn kükregini joýaň erňegine berdi, sag eli bilenem Ýagmyry özüne dartdy, onuň ýere galtaşan bedenini bilinden dolap aldy. –Sandyraýaň-la, ysytma tutýamy? Gorkma, Nurjemal Allaga gorag bolmaly erkek göbekliniň birem bu golaýa gelibilmez.
– Sen näbilýäň?
– Häzir görersiň.
Altyn goluny Ýagmyryň bilinden aýranok. Bedeniniň ýylysy Ýagmyryň tutuş süňňüne ýaýrap barýar, ony herekete çagyrýar. Indi ilki sen tutduň diýmäge Ýagmyryň bahanasy bar. Ýagmyr Altynyň biline elini ýetirdi. Ýüpek keteniniň ýylmanaklygy ýap boýunda gözüne kaklyşan ak bedeniň näzikligine öwrüldi. Biliniň inçeligini!.. Daşyny dolap almaga Ýagmyryň bir golam ýetjek. Altynyň bedeni dartyldy. Bu aýgytly bir hereketiň boljagyndan nyşan. Altyn şarpyk çalsa-da gelişmän durmaz, çalybersin, Ýagmyra eliňi aýyr diýmese bolýar. Diýmedi. Öz elini Ýagmyryň bilinden usul bilen aýyrdy, üzüm hoşasyny dartyp üzdi, Ýagmyra-da uzatdy:
– Al, iý! – Onuň hödüründe birjik-de gahar, öýke duýlanok, ýakymly hoşamaýlyk bar. Ter üzüm Altynyň owurdynda hartyldap ýaryldy. – Monty ekeni, iý.
– Üzüm iýmäge getirdiňmi?
– Ýüregiňi eliňe alma, sen entek birgiden zada düşünmeli borsuň.

Ýagmyr Altynyň Nurjemal Allak bilen dilleşendigine ynandy. “Düşünmeli borsuň” diýen sözüň manysyny gözledi: ondan pynhan syry saklamagy talap ederler. Ýagmyr muňa kaýyl, ýöne şagal ýaly bukulyp ýatmaga takaty ýetenok.
Altyn haýran galaýmaly asudalyk bilen gepledi:
– Görogly Agaýunus peri bilen dokuz gat düşek ýazynyp, başujuna dokuz ýassyk, aýagujuna bäş ýassyk taşlap, üstlerine ýüpek ýorgan ýapynyp, ýatarman boldular. – Altyn bu sözleri garaňky tama garap aýtdy, Ýagmyra üns bermän, dowam etdi:
– Agaýunus öňünçä Görogla ýat diýdi, aýnaň öňünde zülplerine şana urup, ýüz-gözüne timar berdi, ýüpek ýaglyk bilen başyny daňdy, ýüpege çolandy, Göroglynyň goýnuna girdi. Güle meňzäp, çolaşyp-çyrmaşyp, gujaklaşyp, öpüşip ýatdylar…
Ýagmyr haýran galdy. Altynyň elinde ýazgy-da, kitap-da ýok, ol ýatdan aýdýar! Artistleriň aýdyşyndan kem däl.
– Tomsuň bi petiş howasy olaryň keýpi-sapasyna birjigem päsgel beribilmez. Gapdalky otagda ýatan on ýaşly gyzam olar üçin hiç kim. Tiresiniň ar-namysyny mazamlaýandan bolup, agzynda aş gatyklaýan erkeklerem bu jaýa golaý gelip bilmez. “Ýagşy ýetsin myrada, ýaman galsyn uýada” diýen bolarlar, ynanmagyn, ýagşylar uýada galyp, ýamanlar myrada ýetýändir. Şuňa akylyň çatýamy, şäherde okaýan oglan?!
Altyn soňky sözleri jabjynyp aýtdy.
– “Görogludan” aýdýaň dälmi?
– Samsyk!.. – Birdenem Altyn Ýagmyra tarap öwrüldi, onuň saçyny sypady. – Wah-eý, neressäm, şäherde okasa-da, ýalaňaç heleý görmändir-dä, wah-wah… Görersiň, herki zadyň öz pillesi bardyr. Hüýrlukga ýaly perizada öýlenersiň. Ýüzi on dördi gijäniň aýy ýaly, agyzlary oýmak ýaly, lebleri gaýmak ýaly, agy – ak, gyzyly – gyzyl, hal-hal, daraýy köýnek içinde gujagyňa süýşer barar, süýşer barar… – Altyn aýdýanyny hereketde görkezdi, göwüsleri Ýagmyryň kükregine direldi. – Hemra jan ýaly senem ýatan ýeriňden: “Eý, Hudaý, meniň oýalygymmyka, ýa düýşümmikä?” diýip, haýran galarsyň.
– Altyn, sen artistlerdenem ökde-laý.
Altyn göwresini ýeňsä çekdi.
– Kakam gijelerine dessan okap bererdi, ýadymda galan

ýerlerini aýdýan. Garaja mugallym diýseň, obamyzda tanamaýan bolmaz. Bir bolşuna henizem gülşüp ýörendirler. Kartadan bir ýurduň serhedini sähel gyşyk görkezäýseň: “Heýt, häzir bol, serhedi bozma, eli tüpeňli sallatlar durandyr” diýip gygyrar. Maňa-da her görende aýdýany şol bir sargydy: “Gaýyn ataň bir diýenini iki gaýtalatmagyn”, ýürege-bagra düşýändirin öýdenok. Oglanlaryny okatdy, gyzlaryna gezek gelende, mugallym diýjegiňem köne pikirli çykaýýar. Aşyklaň dessanyny diňlän günümiň ertesi goşgy ýazasym gelerdi. Goşgymam gutardy, indi ömrümem gutardy diýäýmeli boljak. Depämizden gum sowurmaly, wepaly gelinler diýdirmeli, biziň maňlaýymyza ýazylan şol! Hamala, bagtdan uly paý düşen ýaly öňýeten bizi apalan bolýa. Apalanýanyň birem şu jaýyň eýesi, gahryman gelin!.. Sen, oglan, diliňe berk bolgun, Aýnaň ýanynda lakgyldaýdygyň şo gün baldyzyma ýeter. Gara ýer ýaly lal-jim gez.

— Bolýa, how, aýtman!

— Meň aýdýanym seň akyl-paýhasyňa ýetsedi käşgä…

Jaýyň daşky gapysy usul bilen açyldy. Altyn ”seret” diýen manyda Ýagmyryň böwrüne hürsekledi. Olar kinolarda hüjüme geçen duşmany saýgarmak üçin garyma ýaplanylyşy ýaly, ýapyrylyp, joýaň gyrasyndan öňe garadylar. Öýden bir gara çykdy, daş bosagada säginip durdy, ses eşidilmedi. Soňra gapy ýapyldy. Çykan adam gapyň öňündäki basgançakdan seresap düşüp, üzümçilige ýöneldi. Onuň erkek adamdygyny Ýagmyr saýgardy. Köwşüniň ýumşaklygyndanmy ýa-da ädimini ogryn basýanlygyndanmy, aýak sesi eşidilenokdy. Ol Ýagmyr dagynyň ýatan ýerinden iki ädim gapdalda, joýaň üstüne atylan tagta paýapyla mündi, säginmän geçdi, geçýänçä-de atyryň ysy ýatanlaryň burnuna urdy. Onuň başyndaky ak sypal şlýapany, ak ýüpek kiteli golaýdan saýgarsa bolýardy. Munuň ýaly eşigi obada diňe kolhozyň başlygy geýýär. Bu adam, hut, başlygyň özi! Ol örän belet ýolundan barýan adamyň arkaýynlygy bilen pyşda düşüp, mellegiň aýagujuna gitdi.

— Tanadyňmy?

— Hawa-laý.

Altyn ýatan ýerinden gozganmady.

— Nurjemal Stalin ölende ses edipdir — diýdi. — Öýünde uwlasa,

bilinmez öýdendir-dä, oba şuraň jaýyna baryp, şo ýerde ses edip gaýdypdyr. Başlyk ölende-de aglarmyka?.. Hä-äý, Allaga wepaly gelin, zarpçy gelin! Döşi ordenli gahryman gelin! – Altyn janagyrly güldi. – Gözüň bilenjik gördüň, ýeri, muny nämä deňejek? Ýa aşyk-magşuga deňälimi?
Ýagmyr Altynyň sözünden, äheňinden Nurjemal Allagy halamaýandygyny duýdy. Tamasyny tala daňdy, Nurjemal Allagyň indi olary öýe çagyrmajagy belli. Şu ýerden çaltrak gitseler kem däl. Başlygyň peýda bolmagy Ýagmyry gorkuzdy. Altyn başlygyň bu ýere geljegini nädip bildikä? Altynyň wada beren hezilligi şümükä? Ýagmyr hezillik duýmady. Başlygyň bolan ýerinde hezillik bolarmy?! Öten ýyl şähere okuwa gitmäge sprawka sorap baranda, başlyk etlek ýüzüni turşardyp: "Kakaň okuw okap çopan boldumy? Kolhoza kakaň ýaly ökde çopan gerek" diýipdi, kowup goýberipdi. Soňra kakasy başlygy gördi, bir öýden bir çopan ýeterlik, oňa-da razy bolmasaň, hol-ha taýagyň! – diýipdir. Esen çopany beýleki kolhozlaryň garbap aljagyny bilip dur, mejbur bolmasa, başlyk sprawka berjekmi?!
Gorkany üçinmi, Ýagmyr Nurjemal Allagyň jaýyndan başlygyň çykanyny görse-de geň galmady, gaýta olaryň bukudan seredişlerini başlyk gören bolsa, has geň bolaýjak ýaly bolup dur.
– Altyn, sen Nurjemal Allakdanam has owadan-a.
– Uýaň diýäýjek sözüni tapdyň, samsyk. Başlygyň gözi gapylypdyr, ýogsa seni görerdi diýjek bolýaňmy?
Altyn haýbat bilen dikeldi, Ýagmyr şarpyga garaşdy. Altyn ony dartyp gujagyna aldy, bagryna basdy. Altynyň göwsünde kellesi jaýlaşan Ýagmyryň bedeni gyzgyn tamdyra ýelmenene döndi. Kem galmady, Altynyň inçe biline goluny saldy. Gulaklary Altynyň sesini eşitdi, ses ýaň ýaly uzakdan geldi:
– Ar-namys diýen borlar, agyzda aş gatyklarlar. Namysyň derdeserini meň ýaly şor maňlaýdan sorasynlar. Ýalňyzlyga döz geläýmek kyn-a, Ýagmyr jan. – Altyn gollaryny biraz gowşatdy, zaryn hiňlendi. – "Kararym ýok sensiz ýalňyz ýatmag-e-eý, bedew atly, demir donly, Görogly". He-eý, Agaýunus peri Görogla gönüsini aýdaýypdyr, ýa gönüňi aýtmak üçin perizat bolmalymyka?..

– Sen perizatdanam owadan.
– Lal bol… Kakam her goşgyny bir heňde okaýardy. Heňini sazlajak bolup, maňa ünsem bermedimikä? Ýogsa, Agaýunusyň aýdany maňzyna bataýjak ýaly, pikir edäýjek ýaly.
– Ho gün çatmada aýdanyňy diňledim, sen duýanam dälsiň. Ýaňky aýdymy aýtdyň, aglap aýtdyň.
– Aýryl.
Ýagmyr aýrylmady, tutanýerlilik bilen Altynyň ýeňselerini sypap, bilden aşakdaky ýumry ýerlere elini ýetirdi. Altyn güýç bilen göwresini boşatdy. Ýagmyr dyzlarynyň saňňyldysyny saklap bilmän, joýaň içine agdarylyp gitdi.
Olar ortaky kese köçe bilen gaýtdylar. Altyn tazygan sarç mal ýaly haýdap barýar, Ýagmyry asla unudana meňzeýär. Ýagmyryň bolsa, deňleşip ýöräsi gelýär, gürleşip gidesi gelýär.
– Altyn… Altyn, bir zat aýdaýyn…
– Diliňi baglaýan ýok.
– Sen ho gün, ýadyňa düşýämi, günortan çatmada, öýlenen oglanyň gelni bilen gürrüňini aýtdyň, “soň bela bolupdyr, ajal bolupdyr” diýdiň-ä…
– Diýdim, eýse, ýalanmy?
– Ýalan diýemog-a, Altyn, ýöne sen şolaň kimdigini aýtmadyň. Meň göwnüm-ä, olar Tagan bilen özüň bolmaly.
– Kim bolanda-da saňa degişli ýeri ýok, menden zat sorama, gal yza, bile baranymyzy görse, Aýna biljek bolup, halys öler, uýaň bilesigelijiligi gursun!..
Ýagmyr ädimini haýallatdy, olaryň köçesine taýak atym ýol galypdy.

4.

Irden Ýagmyryň ejesi:
– Mämmed-ä egbar, işigaýdan uzak ýaşamaz – diýdi. – Sorap gaýt ony, balnysa äkitjekler.
Ýagmyr baranda Mämmet traktorçy kerpiç tamyň uly otagynda ekeni, haşşyldysy eýwana ýetýär. Içde-daşda ilki Altyny görerin öýtdi, görmedi. Altyn entek gawunyň üstüne giden däldir, bärdedir, gaýyn atasyny balnysa ugratman gitmez. Ol bu

gije meýdanda galar, Ýagmyram ýanynda bolar, bolmalydygyny brigadirem tabşyrdy, Mämmet traktorçy bilen maslahat edendirler.
Ýagmyr ýaýdanyp dur, uly otaga girmäge özüni mejbur etmeli. Eger häzir onuň girmezligine sebäp tapylsa, begenjekdi. Ol Mämmet traktorçy diýen adamy halanok. Halamasa-da Altyn bilen gawun başynda galmagyna razylyk bereni üçin giräýmeli. Ýene ýaýdanýar, Mämmet traktorçyny ýigrenen gününi ýatlaýar. Ondan bäri bäş-alty ýyl geçendir, Ýagmyr on ýaşlarynda bolmaly. Ol ýyllar Mämmet traktorçy ýaly at alan traktorçy başga bolar öýdülenokdy. Ýagmyr onuň häsiýetine-de, “Uniwersal” traktoryna-da belet. Üç gün suw daşap beripdi, daň atanda baryp, garaňky düşende meýdandan gaýtmalydy. Özüni ýigrendiren güni Mämmet traktorçy kartanyň gyrasynda bedre doly suwy häzirlän Ýagmyryň deňinde säginmän, uzyn kartanyň ortasyna ýetip durdy. Gowaçasy ösgün keşiň arasy bilen bedräni ýetirýänçä tas Ýagmyryň demi agzyndan çykypdy. Ýolda dökän-saçan bolan suw, soň bedräniň gap biline-de ýetenokdy. Mämmet traktorçynyň myrryhy atlandy, galanja suwy radiatora guýdy-da, bedräni eliniň tersi bilen allaowarra zyňyp goýberdi.
– Kartaň her tarapynda doly bedre dursun! – diýip, gygyrdy. Ýagmyry horlamak üçin eden zady bolsa gerek: ”Men kösenýän, bularam kösensin diýýändir-dä”.
Mämmet traktorçy köseneni üçin iň ýokary girdeji alýardy. Diňe zähmet gününe ýetýän bugdaýy getirmäge bir ýük maşyny gerekdi. Ýagmyra çaga diýen bahana bilen ýarym zähmet günem ýazanokdylar.
Ol mahal Mämmet traktorçy daýaw, ýüzi tegelek adamdy. Soň demgysma ýolukdy. Traktorçynyň uzakly gün tozandan gözi açylanok, demgysma tot-tozana hasam öjügýär. Ol halys dertden basylýança traktoryny taşlamady. Häzir Ýagmyr eti eräp, süňk bolup galan adamy görýär. Ýüzi inçelip, burny öwhä atýanyň tirsegi ýaly somalyp dur.
Agyr haşylamanyň yzy üsgülewüge ýazdy. Ýöne-möne üsgülewükmi, demi kükrekden aňyrdaky çuň boşluga gidip, indem ony yzyna dartyp almak üçin aldym-berdimli çekeleşik başlandy, haçan gutarjagy belli däl. Boşlukdan gopan gakylygy gumly tüfdana

tüýkürdi, mejalsyzlykdan ysgynsyz iňledi, ýassyga başyny goýdy. Salym geçirmän dikeldi, gaýtadan üsgülewüge bogulmak howpuny duýan ýaly, süňňüne diň salyp, gymyldysyz oturdy. Şonda-da haşlap dem alanda somalyp duran eginleri kellesiniň deňine çenli galýardy. Soňra uly ýaglyk bilen ýüzüni süpürdi, çäýnegiň gapdalynda ýatan gyzgylt nas kädini aldy. Ol demgysma ýolugandan soň nas atmaga başlapdyr, nas gakylyk gopdurar, kükregiňi giňeder, dem almagyňy ýeňilleşdirer diýipdirler.
Ýagmyr içeri girmejegini bilip dur. Ejesiniň syrkaw adamlar duýgur bolýar diýeni ýadyna düşdi. Mämmet traktorçynyň üns bermeginden ätiýaç etdi.
Ýagmyr gelenini duýdurman yza döndi, şol bada-da Mämmet traktorçynyň geplänini eşidip tisgindi, togtady. Özüne gep atylandyr öýtdi. Seretse, Mämmet traktorçynyň Ýagmyr bilen, asla töwerek bilen işi ýok. Ol bir elini nas kädä, beýleki elini çäýnege goýup, gürleýär. Ýagmyr ejesiniň ýene bir aýdanyny ýatlady: “Janyna haýpy gelýän adam o ýagdaýdaka arak içmeli däl-ä”. Mämmet traktorçynyň sesinde hemişeki hemleli äheňe derek ejizlik, nalyş duýsa bolýar.
– E-eý, Miwe, içiňde kitüw galdy, aýtmanam ölüp gitdiň – diýip, ol nas kädiniň boýnundan berk gysymlap, bat bilen gabat öňünde dikdi. – Bolýa, bolýa, how, Miwe, bimamla-da bolsam, men şu gürrüňi şu ýerde gozgamaly. Bi sen ölmänkäň bolmaly gürrüň ekeni, men bir köwek, içiňe kitüw salanyňa soň düşünip galýan. – Ol kükreginde dörän boşlugy doldurmak üçin boýnuny süýndürip dem aldy, hamyň gasynlary boýnuny daş çanagyndan kellesini çykaran pyşbagaň boýnuna meňzetdi. – Bolýa diý sen, Miwe, görejiňi sowma, göni seret maňa, içiňe kitüw salan ahwalaty bildim. – Ol ýene nas kädini berk gysymlady. – Aýtmasam, derdim beterlejek. Maňa Aga suwçam hä diýdi, düşündi, dürrekligini etmedi. Senem hä diýersiň, Miwe. Diňle!.. Gospitaldan çykamda, öýüňe git, bir aý otpuska berýäs diýdiler, muny sen bilýäň. Bir aý geçensoň, ýene pronta gitmelidim, sen munam bilýäň. Aga suwçam bilýän ekeni. Alagadan meni pronta gitmesiz etdiler, ömri uzak bolsun diýip, sen başlyga alkyş edipdiň. Şonda men saňa: Staline alkyş oka diýipdim, bi-de seň ýadyňa düşmeli, Miwe. Staliniň buýrugy

bolmasa, düşün-ä sen, kim meni prontdan galdyryp biljek! “Uruş ahyrlap barýa, traktorçyny pronta ibermegi gadagan edýän!” diýipdir. Aga suwçam: “Stalinden buýruk bolmasa, başlyk seni galdyryp bilmezdi” diýdi. Şo dürrek düşünip otyr, seň düşünjegiňe hiç hili şübhe bolmaly däl-ä, Miwe! Men-ä pronta dolanman, traktora mündüm, ýaşy ýeteni üçin Taganam pronta aldylar. Ine, meseläň şu ýeri ýaman boldy. Tagan pronta gidenden soň men geläýen bolsadym, Miwe, sen ýaşar ýörerdiň, ýaşar ýörerdiň! Bilýän-le, sen maňa hä diýmersiň, diýmeseň diýme, men düşünenimi aýdýan. Meň ýerime oglumy alyň diýjek adammy men?! Oglum galsyn, men gideýin, men pronta belet bolan adam diýip, başlyga ýalbaranymy sen bilýäň-ä, Miwe. Aga suwçy: menem şaýat bolubiljek diýdi… Bolýa, bolýa-la, bi gürrüňi o dünýä goýaly. O dünýäň barlygy çyn bolsa, ikimiz şo ýerde egri oturyp, dogry gürleşmeli boljak. Ogluň patasyny almagy agyr gördüň, men öleýin, özüň alyber diýdiňmi sen?! Derdime dert goşmak üçin eden zadyň boldumy şü? —Ol nas kädini galdyrdy, oňa gözlerini agdaryp seretdi. — Kädiň içinde nas bar, bardygyna gözüm ýetip dur, edil şuň ýaly, seň ýüregiňde kitüw galanyny bilip durun. Başlyk maňa: “Bu meseläni men çözemok” diýdi, şeý diýenini ilki saňa aýdypdym, Miwe. Halys kösediň, how, meni!.. Saňa bir söz diýjek, gulak as: sen çigit ýalyja müňkürlik edenem bolsaň, men ýaşamaly däl, ýaşajagam däl, balnysa-da gitjek däl! — Ol nas kädini eliniň tersine zyňyp goýberdi. — Öýümde boglup öläýjek!..

Agyr üsgülewük ýene bokurdagyndan tutdy, gapdala ýykdy. Şu pursat Altyn Ýagmyryň egninden çekdi.

— Gije Aga suwçy bilen içipdirler — diýdi. — O nejis çatmada ýatyp galandyr, barşyňa turuz, güm bolup, öýüne gaýtsyn. Menem giçlik bararyn.

Altyn Ýagmyryň çigninden gysdy, Ýagmyry ýakymly hem pynhan duýga dolady. Mämmet traktorçynyň üsgülewük bilen dalaş gurup ýatyşy ünsden düşdi. Eglenmän gitmelidi, ol eýýäm çatmada Altyna garaşmagyň lezzetine maýyldy. Powestler